***Düýn, 6-njy ýanwarda Aşgabatdaky Söwda-senagat edarasynda Gulbaba adyndaky çagalar baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi. Bu bäsleşik bilimde, sportda we sungatda özleriniň ukyp-başarnyklaryny görkezip, deň-duşlarynyň arasynda aýratyn tapawutlanan çagalary höweslendirmek maksady bilen geçirilýär.***

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi we Bilim ministrligi tarapyndan guralýan, ýaş türkmenistanlylaryň arasynda uly meşhurlyga eýe bolan bu bäsleşik her ýyl Watanymyzyň ähli künjeginden 18 ýaşa ýetmedik zehinli çagalaryň ýüzlerçesini bir ýere jemleýär.

Все права защищены



Şu ýyl bäsleşige gatnaşyjylaryň 99-sy ýörite diplomlara we ýadygärlik sowgatlara mynasyp boldular. Şeýle hem bu baýrak döredijilik toparlarynyň 4-sine — «Joşgun» tans toparyna, «Galkynyş» çeper okaýyş toparyna, «Jahan» döredijilik merkeziniň çagalar horuna, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň çagalar bagynda terbiýelenýän körpelere  gowşuryldy.

Все права защищены

save pdf date >>> 11.04.2026

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены